Türkmenistan paýtagty Aşgabat şäherinde 2024-nji ýylyň 27-29-njy awgusty aralygynda «Iran AgroFood» ady bilen Eýranyň azyk önümleriniň we oba hojalygynyň on altynjy (XVI) ýöriteleşdirilen sergisi geçiriler.

Eýranyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň 21-nji iýunynda habar bermegine görä, bu sergi Eýranyň oba hojalygy pudagynyň önümleri, oba hojalygy tehnikasy bilen tanyşmaga we modifisirlenen tohumlaryny, dökünlerini, himiki serişdelerini öwrenmäge mümkinçilik döreder.

Habarda bellenilişi ýaly, azyk önümlerini gaplamak pudaklarynda iş alyp barýan önüm öndürijiler we ykdysady işewürler, täzeçil tehnologiýalara eýe bolan we ylma esaslanýan kompaniýalar öz önümlerini hem-de mümkinçiliklerini görkezerler.

Maglumat üçin belläp geçsek, geçen ýylyň noýabr aýynda Aşgabat şäherinde ýerleşýän Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda “Iran Prože” ady bilen Eýranyň ýöriteleşdirilen sergisi geçirilipdi.

Все права защищены
save pdf date >>> 25.01.2026